# Baýramhan

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Baýramhan BAÝRAMHAN

Nirä düşüp,
Nirelerden çykdy ol!
Ahyrda-sa ýene geldi,
Ýitmedi.
Erkinligiñ aýdymçysy, serdary,
Erkinleriñ arasyndan gitmedi.

Nirä düşüp,
Nirelerden çykdy ol!
Tutaşdyrdy adalatyñ oduny.
Ýagşy niýet ýaran boldy kalbyna.
Buýsanç bilen aýdym edýäs adyny.

Nirä düşüp,
Nirelerden çykdy ol!
Isläp eken dostluk güli gülledi.
Aýdymyny äpet türkmen oglunyñ,
Hindi halkam ýüreginde besledi.

Nirä düşüp,
Nirelerden çykdy ol!
Ahyrda-da ýat bolmady,
Ýitmedi.
Ynsanlara ynsap dilän akyldar
Öz iliniñ aýdymyndan gitmedi.

Ata ATAJANOW.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 12.08.1973 ý. Goşgular